JOÝS MAÝER

NÄDIP HOWSALALYKDAN ÇYKYP BOLÝAR

# Näme üçin Hudaý Näme üçin?



JOÝS MAÝER

NÄDIP HOWSALALYKDAN ÇYKYP BOLÝAR

# Näme üçin Hudaý Näme üçin?

**Näme üçin, Hudaý, näme üçin?**

*Nädip howsalalykdan çykyp bolýar*

© 2020 Joýs Maýer

**Why, God, Why?**

*How To Be Delivered From Confusion*

Copyright ©1995 by Joyce Meyer

Life In The Word, Inc.
P.O. Box 655
Fenton, Missouri 63026

All rights reserved

Mukaddes ýazgylar Mukaddes kitabyň -The Amplified Bible, giňişliýin terjimesinden alnan.
Gaty köp adamlar bütünleýin aljyraňňylykda ýaşaýarlar. Olary şeýle ýagdaýa näme alyp barýar? We nädip olaryň öňüni alyp bolýar?

Awtorlyk hukugy baradaky kada-kanunlary halkara kanunlar bilen berkidilendir. Awtoryň ýazmaça rugsady bolmadyk ýagdaýynda, bu kitabyň mazmunyny ýa-da daşlygyny bütileýin ýa-da bölekleýin görnüşde gaýtadan öndürmek mümkin däldir.

# Mazmuny

Sözbaşy ........................................................................ V

1. Bizi howsalalyga näme salýar? ........................................ 1
2. Oýlanmak ýeterlikdir! ..................................................... 5
3. Iman näme? ...................................................................... 7
4. Her bir gün üçin merhemet berilýär. ............................... 9
5. Eger-de ........................................................................... 13
6 . Eger birden-kä...? ........................................................ 17
7. Hemme zada düşündüriş gözlemäň ............................. 21
8. Pikirlenmeler nädogry netijelere getirip bilerler ........ 25
9. Howsalalyk şatlykdan mahrum edýär ......................... 29

Toba dogasy ...................................................................... 31
Awtor barada ..................................................................... 33

# Sözbaşy

“Ogry diňe ogurlamak, öldürmek, ýok etmek üçin gelýändir. Emma Men olara ýaşaýyş, bolelin ýaşaýyş bermek üçin geldim” – Isa Mesihiň bu sözleri Ýohannanyň Hoş Habarynda 10:10 ýazylan.

Şeýtan durmuşymyzy agyrlaşdyryp, sizi şatlykdan mahrum etjek bolýar. Ýöne men dileg edýärin, şu kitap size ýardam berip, Hudaýa hemme zatda ynanmagy öwretmäge kömek etsin. Hemme zatda Hudaýa bil baglamagy öwrenip, arzyw edýän, siz parahatlyga we şatlyga eýe bolarsyňyz!

# 1

## Bizi howsalalyga näme salýar?

Siziň durmuşyňyzda düşünip bolmaýan zatlar ýüze çykýarmy? Sizi aljyraňňylyga salýan zatlar barmy? Belki, Siz, näme üçin Siziň durmuşyňyzda hut şeýle zatlaryň bolup geçýändigini aňlap bilmeýänsiňiz? Belki siz “Näme üçin, Hudaý, näme üçin başgaça ýaşamaýaryn? Näme üçin barysy hut şeýle boldy? Men bulara düşünmeýärin!” diýýänsiňiz.

Köp adamlar bütünleýin aljyraňňylykda ýaşaýarlar. Bir wagtlar men hem şunuň ýaly ýaşaýardym, şeýle ýagdaýyň jebirliligini men bilýärin. Näme adamlary howsalalyga salýar we nädip olaryň öňüni alyp bolýanlygy barada oýlanyp başladym.

Bir sapar men Kanzas şäherinde wagyz etdim. Ol ýygnakda takmynan üç ýüz adam bardy. Men olardan kim şu pursatda käbir soraglara jogap tapyp bilenok diýip soradym. Haçan-da iki adamdan başgalarynyň hemmesi ellerini galdyranlarynda, men haýran galdym, ikiniň biri meniň ärimdi! Men başga ýygnaklarda-da şu sowaly berdim, her sapar ýagdaý şeýledi.

Men oýlanmagy dowam edýärdim we Rebden adamlary howsalalyga salýan ýagdaýyň bolýandygynyň sebäbini aýan

etmegini dileýärdim. Ol: “Olara aýt, hemme “näme üçin” diýen soraglaryna jogap tapjak bolup dyrjaşmasynlar, şonda olar rahatlyk taparlar” diýip, jogap berdi.

Şol wagt men bütinleý doly düşündim, näme üçin meni bir eýýäm, öňküsi ýaly, howsalalyga salýan duýgular tolgundyranok, dogrusy henizem kän zatlara düşünmeýärin. Indi mende heme zada düşünmek üçin ýüregedüşgünç islegler ýok.

Hemme zady bilmeklige, aňlamaga we düşünmeklige synanyşmagy bes ediň, şonda aljyraňňylyga düşmersiňiz. Sadaja eşidilýän bolsa-da, aslynda bu ýerde çuňňur manysy bar, näme üçin diýende aljyraňňylyk we howsalalyk - bu aklyň ýagdaýydyr.

Adamyň akly söweş meýdany bolup, ol ýerde biz şeýtan bilen söweşip, ýeňiş gazanýarys ýa-da ýeňilýäris. “Çünki Hudaý bidüzgünçiligiň däl-de, parahatlygyň Hudaýydyr.” (1 Koritoslylara 14:33), şeýtan bolsa hemme ýerde üznüksiz bidüzgünçilik getirýär. Ol bize Hudaýyň Sözi bilen umumylygy ýok bolan teoriýasyny oklaýar. Sunlukda, ol söweşde şeýtandan üstün çykmak üçin, onuň bize saljak bolýan pikirlerini kowmalydyrys.

> “Biziň söweş ýaraglarymyz fiziki ýaraglar däl-de (beden we gan däl-de), Hudaýyň güýçli ýykmak we ýumurmak ýaraglarydyr. Biz olar bilen delillerini we teoriýalaryny ýykyp, her ýalan pikiri puja çykarýarys. Bu ýaraglar

bilen Hudaý baradaky (hakyky) bilime garşy çykýan her belentligi ýumurýarys, her pikiri ýesirlige alyp, ony Isa Mesihe (Hudaýyň Mesih edenine) tabyn edýäris.”

– 2 Koritoslylara 10:4-5

Eger-de Hudaýyň Sözi bize, hemme zada düşünjek bolmaň, diýýän bolsa, geliň synanyşmalyň. Haçan-da hemme zatlary biljek bolup, siziň aklyňyza biýnjalyk edýän, rahatsyzlyk getirýän pikirler gelip başlanda, olary Isa Mesihe tabyn ediň. Mukaddes kitabyň by ýerinde, biz söweş alyp barýas, we bu söweş biziň aklymyzda bolup geçýär diýlip ýazylgydyr. Nädip? Mysal üçin, biabraý, haram pikirler, gaýgy-hasrat duýgular, aladalar. Hudaýyň bu Sözünde ýene teoriýa hem kesgitli anyklamalar barada gürrüň edilýär. Teoriýada – bu biziň käbir meselelerimizi çözmek üçin gurýan ýodalarymyzy ýerine ýetirip bolýan meýilnamalar, oýlanmak bolsa – öz soraglarymyza jogap tapjak bolýan ýolumyzdyr. Ýöne olaryň jogabyny ýeke bir Hudaý bilýändir. Adamlar şeýle ýagdaýlardan, bar güýji bilen gözleýänem bolsalar-da, çykalga tapyp bilmediklerinde, aljyraňňylyga düşýärler. Çykalga ýeke Hudaýa bellidir. Diňe Ol meseleleriň çözgüdini bilýändir, ýöne näme üçindir ony bize aýan etmeýär.

# 2

## Oýlanmak ýeterlikdir!

Özümi hemme zady bilmek we jogap gözlemekde köp pikirlenmek endigimden azat edip bilendigime hakykatdanam düşünip bilmegiňiz üçin, meniň pikirlerimiň nähili bolandygy barada bilmelisiňiz.

Men entek ýaşkam, hiç kime bagly bolmaryn,düýbünden özbaşdak bolaryn we özüm hakda özüm alada ederin diýip karar etdim. Meniň pikrim boýunça, bu özüňi alyp barşyň iň dogry ýoludy. Hiç kime we hiç zatda bergidar bolmazlygym üçin, hiç kimden kömek soramaryn diýen karara geldim. Gahar-gazapdan we agyrydan ýadap, şeýle usul meni halas eder diýip pikir edýärdim. Elbetde men ýalňyşýardym, ýöne muny anyklamak üçin maňa köp wagt gerek boldy.

Men hemişe aladalanyp, bolup geçýän hadysalara düşünjek bolup oý-pikire batýardym. Men tolgunýardym, tukatlanýardym, ýygy-ýygydan nägile bolýardym – bular meniň sol wagtdaky boluşymyň gysga beýany. Näçe özbaşdak bolmaga dyrjaşsak, şonça-da Hudaýa bil baglamaklyk kyn bolýar. Hudaý, biz hemme işlerimizde diňe özümüze

daýanman, Oňa bagly bolmagymyzy isleýär. Siz näçe köp Isa Mesihe bagly bolsaňyz, şonça-da köp Oňa ynanarsyňyz, asla ikirjiňlenmäň, Ol siziň bilmeli zadyňyzy öz wagtynda size aýan eder.

Ýöne bu garaýşy passiwlik ýa-da biperwaýlyk bilen garyşdyrmaň. Mysal üçin, eger-de saňa ýa-da dostuňa erbet bir zat bolan bolsa, şol wagtda-da siz näme üçindigine düşünip bilmeýärsiňiz. Şeýle wagtda Mukadde Ruhdan bolup geçen wakanyň sebäbini düşündirmegini hökman haýyş ediň. Eger-de derrew dessine size aýan etmese gaharlanmaň: entek wagty däl diýmekdir. Ol size jogap berer, ýöne haçan zerur diýip hasap eden wagtynda.

Eger sizde sorag ýüze çykan wagty, siz oňa jogap tapmaga synanyşýarsyňyz, ýöne bulaşýandygyňyzy düşündiňiz,– Hudaýa alkyş aýdyň, Onda jogabyň bardygyna. Oňa ýüzlenip, näçe bolsa-da sabyrlylyk bilen size aýan edýänçe garaşjakdyňyzy aýdyň.

Siz wagtal-wagtal howsalalygy we başagaýlygy başdan geçirersiňiz, eger-de Hudaýa bil baglamagy hem-de soraglaryňyzy jogapsyz galdyryp, gorkmazlygy öwrenmeseňiz. Bu hem imandyr.

# 3

## Iman näme?

Iman barada, Hudaýdan bir zat almagyň taglymaty ýa-da serişdesi hökmünde gürleşip bileris. Efeslilere hatynda 2:8-9 biz iman arkaly Hudaýyň merhemeti bilen halas edilýäris diýilýär. “Iman (biziň) umyt edýän zatlarymyza bil baglamak we (biziň) görmeýän zatlarymyza ynanmakdyr.” (Ýewreýlere haty 11:1). Imany dürli görnüşde suratlandyryp we oňa dürli kesgitlemeler berip bolar, ýöne imanymyň bardygyna düşünmäge kömek edýän ýönekeý bir formula tapdym. Ynha-imany bolan adam durmuşa aýratyn garaýýar.

Iman bize rahatlyk berýär. Ýewreýlere hatynda 4:3 Hudaýa iman edenler, Onuň dynçlyk mekanyna girýändigi aýdylýar. Mundan başga-da, bu bapda Hudaýyň dynçlyk mekanyna giren (imanyň dynçlyk mekanynyň gapysydygyny ýadyňyzdan çykarmaň), agyrydan we ýadadýan adam zähmetlerinden köşeşendigini okaýarys (10 goşgy). Hemme zada düşünmäge sunanyşmak, başagaýlyga alyp barýan-ýadaw işi diýip atlandyryp bolar.

Imany bar adam “Men ähli gaýgy-aladalarymy Hudaýa tabşyrýaryn, sebäbi Ol meniň gamhorumdyr” diýýär (1 Petrus 5:7). Ýa-da “Hemme zady bilmek we düşünmek maňa hökman däl. Hemme zady bilýän Birini tanaýandygymdan eýýäm hoşal men!” Hudaýyň edýän ähli işlerine düşünmäge dyrjaşmagyň ýerine, Ony has ýakyn tanamaga çalyşyň.

Imany bolan adam howsalalyga düşmeýär, aladalanmaýar we ertirki gününden gorkmaýar, sebäbi özüne nämälim zadyň Isa mälimdigine düşünýär. Ýatdan çykarmaň, Reb Isa – Ol Şol, Kim ozal bolan, Kim häzir bar we Kim gelejekde hem boljak. Ol dünýä ýaradylmazdan ozal bardy. Ol dünýäniň ýaradylmagyna gatnaşdy. Ol siz barada hemme zady, dünýä inmeziňizden ozal bilýärdi. Ejeňiň göwresinde seni emele getiren Hudaý. Ol – Alfa we Omega, Başlangyç we Soňydyr. Ol diňe başlangyjy we soňuny bilýän däl-de, olaryň arasyndakylary hem bilýär.

Eger-de Onuň ikinji sapar gelmegine wagt bar diýip çaklasak, onda biziň siziň bilen öňümizde ertirimiz köpdir. Men bilýärin: ertirki gün näme garaşýan bolsa-da, Ol meni, ertirki güni hem Öz elinde saklaýar (Isaýa 49:16). Bu meni begendirýär we teselli berýär.

Imany bolan şu güni bilen ýaşaýar, başagaý bolup öňe ylganok.

# 4

## Her bir gün üçin merhemet berilýär.

Şu günki gün bilen ýaşaň! Geçmişde ýasamaň, ýogsam durmuşyňyz geçip gider. Hudaý Özüne “Men boldum” däl-de “Men bardyryn” diýen ady berdi. Gelejekde hem ýaşamaň. Hudaý özüne “Men bolaryn” diýip hem at bermedi. Şu günki gün bilen ýaşaň, şonda durmuş has ýeňilleşer. Iman hem häzirki pursada degişlidir: iman bolup geçen ýa-da boljak dälde, eýsem umyt edýän zatlarymyza bil baglamakdyr.

Isa, deňizde tupan turan wagtynda, Öz şägirtlerinden sorady: “Näme üçin siz beýle gorkýarsyňyz?”, soň bolsa sözüni dowam edip: “Dogumly boluň! Bu-MEN (BARDYRYN), gorkmaň!” (Matta 14:27). S iz O nuň s özlerine d üşündiňizmi? I sa a ýtdy: MEN şu wagt BARDYRYN, şu pursatda, MEN BARDYGYM sebäpli hemme zatlar gowy bolar”. Şu günki gün ýaşaň! Yzygiderli pikirler ýa-da düýnki günler barada ýatlamalar, ertirki gün aladalary – şu günüňizi ogurlaýar, merhemet bolsa size şu güne berildi. Ertire bolan merhemet ertirden ir gelmez, Hudaýyň düýnki güne beren merhemetini siz eýýäm ulandyňyz. Merhemet – bu Hudaý tarapyndan bir zady ýerine

ýetimek üçin berlen mümkünçilik. Siz ýerine ýetirmeli işleriňizi, Onuň hoşniýetliligi we Mukaddes Ruhuň güýji arkaly başaryp bilersiňiz. Emma, biz merhemeti ätiýaçlyga alyp goýup bilmeris.

Ýadyňyzdamy, ysraýyl halky çölde nädip ýaşadylar? Asmandan Hudaý her gün iýmit berip, olary ekleýärdi. Olar oňa manna diýýärdiler. Hudaý birden iýmitlendirmegi ýatdan çykaran halatynda, olar mannany bir günlikden köp ýygmagy isleýärdiler. Emma Reb olara Sabat gününden başga günler, talap edilýäninden köp manna ýygnamagy gadagan etdi. Eger-de bir gin bolelinlikde ýaşamak üçin zerur bolanyndan artykmaj ýyganlary zaýalanýardy.

Bu barada oýlanyň. Eýsem käwagtlar biz şeýdýäris. Haçan-da alada edeniňizde, hemme zada düşünmäge we çaklamaga synanyşan ýagdaýyňyzda, ertire mannany ätiýaçlyga ýygnamaga synanyşýana meňzeýärsiňiz. Siziň Gökdäki Ataňyz, ertiriň aladasyny Oňa tabşyrmagyňyzy isleýär. Bütin ýüregimiz we aňymyz (pikirlerimiz) bilen Oňa bil baglamagymyzy we öz düşünjämize daýanman ýaşamagymyzy Ol isleýär (Sül.3-5).

Bir gezek şeyle wakany okadym: iki adam Isa Mesihe iman edendikleri üçin tussag edildiler, ertesi gün irden olary diregde ýakmalydylar. Imanlylaryň biriniň ýaşy uludy we Hadaýyň ýollaryny öz tejribesinden bilýärdi. Beýlekisi bolsa ýaşdy, Rebbi örän güýçli söýýärdi, ýöne entek ruhy taýdan paýhasly däldi. Giçlik garaňky düşende, ýas imanly şemi ýakjak bolup barmagyny köýdürdi. Soňra howsalalyga düşdi: "Men diňe

barmagymy köýdürdim, ýöne men şeýle bir agryny duýýan! Meni diregde ýakanlarynda, men ol gynançlara çydamaryn”. Uly imanly oňa göwünlik berip: “Oglum, Hudaý senden barmagyňy köýdürmegi haýyş edenok, şunuň üçil ol agyra çydar ýaly, Ol saňa merhemet berenok. Ýöne, Ol öz janyňy pida etmegi haýyş edýär, we haçan-da daň atanda, saňa bu agyr jebirlere garşy durmak üçin merhemet berler”.

Görýäňizmi, bu adam Reb bilen köp ýyllap gatnaşykda bolup imanda berkleşen, daň atanda Hudaýyň merhemetiniň olaryň üstüne injekdigini bilýärdi. Şonuň üçinem göwnünde şu wagt teselli bardy, sebäbi Hudaý oňa ertir oduň içinde duranda, rahatlyk (merhemet) berjekdigine şu wagt onda iman bardy.

Bu mysal imanyň bizi aladadan azat adýändigini görkezýär. Imany bolan adamda rahatlyk hem bar, sebäbi ol bilýär: Hudaý ertirki gün barada alada eder we ertir ýe-ne “täze mannanyň paýy” bolar. Geçmişde bolup geçen ýa-da geljekde näme boljakdygy hakda elmydama pikirlenmegi bes ediň!

# 5

# Eger-de

Fillipililer 3:13-de resul Pawlus geçmişdäki bolan zatlary unutmagy we geljege ymtylmagymyzy öwredýär. Pikirlerimiz bolmasa, bizi başga ýene näme geçmişde saklaýar? Köpler geçmişde ýaşaýarlar, emma şu günki gün geçer gider we gaýdyp gelmez.

Geçmişdäki ýalňyşlyklary gaýta-gaýta başdan geçirýärdiňizmi? "Näme üçin muny şol wagt etmedim?" "Eger-de, men muny aýtmadyk bolsadym ýa-da etmedik bolsadym!" "Eger-de-de başgaça eden bolsadym!" diýip ökünýärdiňizmi? Bu "Eger-de" diýen sözlerden ägä boluň! Belki size dogry ýaly görünýän zatlaryň hemmesini şu wagt edýäňiz, ýöne ahyrynda eden işiňiz garaşýan gowy netijäňizi bermedi. Indi düşünmäge çalyşýarsyňyz: "Näme üçin hemme zat hut şeýle boldy? Näme üçin, Hudaý? Men muňa düşünip bilemok, ýöne hakykatdanam düşünmek isleýärin! Bilmän nadanlykda ýaşamaga çydap bolanok! Men doly aljyraňňylykda!"

Dogrusyny size aýdýaryn: beýle pikirler bilen diňe özüňizi gynaýaňyz! Köp ýyllap, şeýle pikirleriň peýdasynyň

ýokdugyna düşünýänçäm öz-özümi gynaýardym. Meniň geçmişimde henizem düşünip bilmedik her-hili zatlar bolup geçdi. Emma Hudaý meniň geçmişimi goýup, öňe ýöremäge ýardam berdi, men hem munuň üçin Oňa minnetdardyryn, sebäbi diýende men doly rahatlyk we salamatlyk tapdym, olary şu wagta çenli ýitirmedim.

Hudaý hemme zadyň jogabyny tapmaga synanyşýan adama däl-de, pikirlerini Oňa gönükdirene doly rahatlyk berýär (Işaýa 26:3). Durmuş adalatsyzlykdan doludyr diýip pikir edýän adamlar köpdir. Belki geçmişde meniň bilen özlerini adalatsyz alyp baryşlary ýaly, siziň bilen hem şeýle edendirler, netijede bu köp kynçylyk döretdi we çuňňur akyl we ýürek ýaralara sebäp boldy. Bu meseleleriň çözülmegi we ýaralaryň şypa tapmagy üçin birnäçe ýyl gerek boldy.

Köp ýyllap öz-özüme haýpym gelýärdi we beýlekilerden şoňa garaşýardym. Näme üçin maňa garşy beýle rehimsiz hereket edendikleri barada, ajy hasrat we gahar bilen oýlanýardym. Näme üçin Hudaý maňa kömek edenok? Näme üçin adamlardan hiç biri-de maňa kömek edenok? Ahyrsoňy özümi bagtsyz edýän özümdigime düşündim. Şu güne maňa berlen wagtyň baryny, geçmişde bolup geçen zatlara düşünmäge harçlaýaryn. Bir gezek Hudaý maňa: "Joýs, sen gowşak ýa-da güýçli bolup bilersiň. Haýsysyny saýlaýarsyň?" diýdi.

Kimdir biri geçmişdäki öýke-kineleri bilen, kimdir biri geçen üstünlikleri bilen ýaşaýar. Bu ýesirligiň bir görnüşidir.

Belki ýene-de täze ýeňişlere ýetmek üçin, siziň üstünlikleriňize näme sebäp bolandygy hakda pikir edip, olardan peýdalanjak bolýansyňyz. Ýygy-ýygydan men öňki ýeňişlerimi “keýp edip” ýatlaýardym. Emma bu size öňe ýöräp täze üstünliklere ýetmegiňize böwet bolar. Geçmiş geçmişde galsyn. Ýeňişler ýa-da ýeňlişler bilen bellenen bolsa-da, olaryň hemmesi eýýäm geçdi. Olar yzda galdy, size şu gün ýaşamak gerekdir.

Maňa dogry düşüniň: gowy we ýakymly zatlary ýada salmak, bu dogrudyr. Haçan-da biz ajaýyp bolup geçen bolsak-da, geçmişde ýaşasak, öz-özümizi bagtsyz edýäris. Durmuşyňyzda haýsydyr bir waka eýýäm bolup geçen bolsa, ol perde kimin aýagyňyzyň astyna ýykylsyn, üstünden ädimläp geçiň-de, Hudaýyň siziň üçin taýýarlan täze hem has gowusyna tarap ýöräň.

Ýene-de gaýtalap aýdasym gelýär: **“Eger-de”** diýip başlanýan pikirleri kowuň. Haçanda erbet bir zat ýüze çykanda, eger-de başgaça hereket eden bolsadym, näme bolardy diýip pikir edýäris. Gowy bir zat bolup geçende, eger-de ýene gaýtalansa gowy bolardy diýip pikir edýäris.

Geçmişi ýatdan çykaryň! We şu wagt, häzir ýaşaň!

# 6

## Eger birden-kä...?

“Eger birden-kä” – bular şeýtanyň siziň aňyňyza atýan otly oklary (Efeslilere 6:16). Eger birden-kä pul bolmasa? Eger birden-kä meniň göwnüme degseler? Eger birden-kä agyr kesellesem? Eger birden-kä men işimi ýitirsem? Eger birden-kä men bütin ömrümi ýekelikde ýaşasam? Eger birden men başarmasam? Eger birden olar, diňe üştümden gülerler? Eger birden meni ret ederler?

Umuman, bu sanaw tükeniksizdir.

Her bir “eger birden-kä” – niň gaýgyly pikirleriň, ökünçleriň, ökünmeleriň, gorkularyň zynjyry uzalyp barýar. “Eger birden-kä” biziň nazarymyzy geljege gönükdirýär we entek bolmadyk, we belki bolup bilmejek zatlardan gorkmagymyzy mejbur edýär. Ýa-da bizi geçmişe çekip, yzyna gaýtaryp bolmajak zatlar barada ökünmäge mejbur edýär. Hut şu pikirleri “ýesirlige alyp, Isa Mesihe tabyn etmelidiiris”!

Men size bir zat aýdyp bereýin. Bir wagtlar ýygnaklary alyp barmaga, bize bina gerekdi. Bäş ýyl bäri ulanýan binamyzy ýykyp, ol ýerde uly dükan gurmalydylar. Ofislerimizi we

ýygnaklar üçin zalyny ýerleşdirmek we çagalar otaglary üçin ýeterlik ýer bolsun diýip uly bina gözläp başladyk. Bize üç ýüz töweregi awtoulag duralgasy üçin ýer hem gerekdi. Beýle binany aňsatlyk bilen tapyp bileris öýdýärdik. Ýöne tapmak ýeňil bolmady. Iki ýyllap bize hödürlän ýüzlerçe wariantlary saýlap, amatly jaý gözledik. Ahyry soňy çykgynsyz ýagdaý döräp başlady. Şeýtan bolsa, eger birden-kä ýene-de iki ýyl geçer, bizde bolsa binamyz bolmaz diýip meni "otly oklaryny" bilen atýardy. Eger-de men binanyň bahasy entek beýle ýokary bolmadyk wagty, şol teklibi kabul eden bolsadym, biz bu ýagdaýa düşmezdik. Eger-de men şular ýaly işlerde has köp düşünýän bolsadym, onda men näme etmelidigimi bilerdim. Eger birden-kä men ýer satyn alsamda, ýöne welin gurluşyga başlamak üçin rugsat bermeseler? Eger birden-kä men gymmat satyn alyp, soňra bolsa arzan bahada tapsam?

Täze bina gözlemeli wagt ýüze çykmanka, maňa beýle pikirleri kowmaga we beýle garaýyşa girmezligi öwredendigi üçin Hudaýa şükür edýärin. Bu ýagdaý iki ýyl ozal ýüze çykan bolsady, men özümi ejiz, gorkuda we aljyraňňly duýardym.

Indi ädimlerimiziň Reb tarapyndan öňünden bellenendigine men hiç şübhelenemok (Zebur 36:23). Biz Oňa doga-dileg edýäris, we Oňa bil baglaýarys, Onuň islegini berjaý etmegi isleýäris, şonuň üçin Ol bizi alyp barar, we öz wagtynda, bolmaly ýerde biz bolarys. Hudaý hiç wagt howlukmaýar we hiç wagt gijä galanok. Bina gözlänimizde, bize laýyk görünýän

wariantlara duş geldik, ýöne näme etsek-de işimiz şowly bolmady. Ýöne wagty gelende bize ajaýyp bina berildi. Indiden beýläk Hudaýyň bize, zerur zatlaryň hemmesini bermegini dowam etjekdigini bilýärin.

Indi, ýatlasak, biz näçe dürli teklipleri alýardyk, bina bilen baglanyşykly meseläniň näme üçin beýle uzak wagtlap çözülmändigine we tagallalarymyzyň biderek bolandygyna düşünýärin. Onuň sebäbi şudur: eger Hudaý tarapyndan bellenilmedik wagtda bir zat etmäge synanyşsak, işimiz şowsuz bolar.

Hudaý, edýän işini bilýändir. Ol hemme zady gözegçilik astynda saklaýar. Indi men alada etmesem-de bolýar, sebäbi geljekde maňa garaşýan hemme zatlary bilmesem-de, emma hemme zady bilýän Birini tanaýaryn.

Şeýle ýagdaýlarda siz näme edýärsiňiz? Isa Mesihi tanaýarsyňyzmy? Şeýle bolsa, onda siz ähli zady bilýän, Gudratygüýçli we Biribar Hudaý bilen hem tanyşsyňyz – Ol ähli güýje, ähli bilime eýe we şol bir wagtyň özünde hemme ýerde bolup bilýän Hudaýdyr. Şonuň üçin aladalanmaň!

Şeýle bir ýagdaýy göz öňüne getiriň: işleriň nähili boljakdygyny pikir edýärsiňiz, garaýarsyňyz, çak edýärsiňiz, Hudaý bolsa hemme zady başgaça eder. Onda bu pikirlenmek we çaklamak üçin köp wagty, bütünleý biderek sarp etdigiňiz bolýar! Ine size berjek maslahatym: aladalanmaň-da hemde Hudaýa siziň durmuşyňyzda Hudaý bolmagyna ýol beriň!

# 7

## Hemme zada düşündüriş gözlemäň

Hudaýdan maňa saýgarma peşgeşini bermegini dileg eden wagtym hem boldy. Ýygy-ýygydan men doga-dileg edýärdim, Mukaddes Ruh maňa: "Joýs, sen hiç haçan bolýan zatlary saýgarmagy başarmarsyň, eger-de hemme zada düşündiriş gözlemegi bes etmeseň".

Mukaddes Ruha eýermeýän adam, ruhy sfera degişli bolan zatlara düşünmeýär (1 Korintoslylar 2:14-16). Eger-de men ruhumda bir alamat alsam we bu alamatyň dogrydygyny ýada dogry däldigini çaklamaga başlasam, hiç haçan öňe süýşmerin. Näme üçin? Jogaby 1 Korintoslylar 2:14 – Mukaddes Ruha eýermeýän adam, ruhdan bolan zatlara düşünmeýär, sebäbi ruhdan gelýän zatda diňe ruhda düşünüp bolýandyr. Siziň ruhuňyz akylyňyzyň bilmedik zadyny bilýär.

Eger-de siz gaýtadan (Ruhda) dogulan bolsaňyz, onda Mukaddes Ruh siziň ruhuňyzda ýaşaýandyr. Ol bize köp zady aýan etjek bolýar, ýöne olar biziň pikirlerimiz bilen ylalaşmasa, bize Onuň aýan edenlerini kabul etmeýäris.

Bir mysal getireýin. Bir gün irden, ýygnaga gitjek bolup durkam, wepalylygy bilen tapawutlanýan esasy kömekçimiz

bolan bir aýal hakda pikirlenip başladym. Men onuň üçin gowy zat edesim gelip, "Reb, Rut üçin näme edip biljekdigimi aýt", - diýip dileg etdim, we şol wagtyň özünde Rebbiň, täze gyzyl köýnegimi oňa bermegimi isleýändigini duýdum. Üç aý mundan ozal alan köýnegimi gaty halaýardym, dogrusyny aýtsam entek ony bir sapar hem geýip görmändim. Köýnek dükandan getiren şol plastik haltaň içinde asylgydy, hemme birkalary onda bardy. Rut menden daýaw aýaldy we uly ölçegli geýim geýýärdi. Ýöne gyzykly zat: bu köýnek meniň beýleki eşiklerimden bir ölçeg uludy. Satyn alan wagtymda maňa laýyk ölçeg (razmer) ýokdy. Ýöne köýnegiň artykmaç ölçeg göze ilmejek derejede biçilen, we onuň meniň üçin uludygyny hiç kim aňmazdy. Haçanda ruhumda bu köýnegi Ruta sowgat bermek islegi dörände, aňym garşy çykdy "Reb bu täze ahyry!"

Hawa, "degerli" subutnama! Meniň aklym, meniň "Mukaddes Ruha eýermeýän janym" meniň ruhum bilen çekeleşýärdi? Soň ýene-de Rebbe: "Täze köýnegimi bermegimi Sen islemeýärsiň ahyry, dogry dälmi?" diýip soradym. Aslynda Hudaý haýsy-da bir köne we geýlen eşik däl-de, täze könek bermegimi isledi.

Görýäňizmi, bir eýýäm biziň üçin gymmaty ýok zatlar bilen hoşlaşmak bize aňsat. Ýöne täze gyzyl köýnek – bu düýbünden başga mesele. Bu ýerde juda berk pikirlenmeli.

Meniň soňky subutnamam hakykatdanam gülkünçdi. "Reb, bu köýnek üçin eýýäm gaty owadan kümüş gulakhalkasyny satyn aldym" we Rebbiň duýgudaşlygyny oýarmak umydy bilen şeýle naýynjar-zaryn aýtdym. Ol meniň ähli delillerime

doly dymmak bilen jogap berdi. Dymmak bilen ol maňa köýnegi gulakhalkalar bilen birlikde berip biljekdigimi maňa düşündirdi.

Hudaý biziň bilen çekeleşmeýär. Ol bizi bir zatlary etmäge itergi berip, pes, seýrek we gaty ses bilen ýüzlenip bilýär ýa-da haýsy-da bolsa bir soraga göz ýetirmegimiz üçin Mukaddes ýazgylary ulanýar. Hudaý sizi, Öz islegine garşy we Sözüne laýyk gelmeýän işleri etmäge itergi bermez. (Sesler hakda agzanymyzda: Mukaddes Ruhuň sesini başga seslerden tapawutlandyrmagy öwreniň.)

Şunlukda, men öz içimde köýnegi Ruta bermelidigimi bilýärdim, ýöne maňa onuň bilen hoşlaşmagy dözmeýärdim. Muny etmelii däldigini Oňa subut etjek bolup, Hudaýa birin-birin närazylyklarymy görkezýärdim. Ýöne Hudaý meniň bilen jedelleşmedi. Ol diňe aýtmaly zadyny aýtdy. Bularyň hemmesi Rut barada pikirlenip we ol Hudaýyň biziň üçin beren merhemetidigine oýlanmakdan başlady we Hudaýdan onuň üçin näme edip biljekdigim barada maňa maslahat bermegini haýyş etdim. Ol hem maňa maslahat berdi, ýöne maňa bu maslahat ýaramady, meniň ruhum Hudaýyň dogrudygyny bilýärdi. Indi men karar kabul etmelidim.

Karar kabul etmekde men howlukmaýardym. (Köplenç biz, Hudaý biziň islemedik işimizi bize et diýen wagtynda, şeýle edýäris. Bitabynlygymyzy şeýdip gizleýäris.) Karary uzaga çekdirmeklik ýa-da wagty yza süýşürmeklik – bu bitabynlygymyzy görkezmekdir. Hakyky tabynlyk – bu gowy niýetler däl-de, aýdylanlaryň ýerine ýetirilmegidir.

Birnäge hepde geçdi we Ruta köýnek sowgat bermelidigimi ýatdan çykardym, ýöne Hudaý ýatdan çykarmady. Ýenede bir gezek Hudaýa Rut barada doga-dileg edip, oňa nädip hemaýat etmelidigimi soradym. Ol maňa şol gyzyl köýnek barada ýatlatdy. Ahyrsoňy Hudaýa boýun bolmalydygyma düşündim we ony Ruta sowgat berdim. Onsoň kelläme bir pikir geldi, bu köýnegi onuň üçin satyn alandygyma düşündim, şonuň üçinem üç aýlap şkafda plastik haltada asylgy durup, bir sapar-da men ony geýmedim. Elbetde Reb hemme zady öňünden bilýär, biz bolsa Oňa tabyn bolmagyň ýerine boýun gaçyrmagyň ýollaryny gözleýäris. Munuň hemmesi, Korintoslylara 1-nji hatynyň 2 –nji bapynda aýdylyşy ýaly, Mukaddes Ruha eýermeýän adam ruhy adama düşünmeýändigi sebäplidir.

“Näme üçin, Hudaý, näme üçin? – diýip, Mukaddes Ruha eýermeýän adam soraýar. – Näme üçin Sen menden bu gurbanlygy isleýärsiň? Has ýeňil ugry bilen bir zatlar edip bolmaýarmy?” Injilde bu pikir “ynsan höwesleriniň aňy”diýip atlandyrylýar we bu pikirleniş usuly bizi salamatlykdan mahrum edýär (Rimlilere 8:5-6).

Bu kitabyň esasy maksadynyň nämedigini ýatdan çykaran bolsaňyz size ýatladýaryn: “Näme üçin, Hudaý , näme üçin” diýen pikirlenmäni size gökezip, ol howsalalyk ýagdaýy döredip, bizi rahatlykdan we şatlykdan mahrum edýär.

Ýaşaýşyň lezzetini görmek isleýärsiňizmi? Onda beýle pikirlerden ýüz öwrüň!

# 8

## Pikirlenmeler nädogry netijelere getirip bilerler

Aldawdan elmydama gaça durmagyň ýeke-täk ýoly – Mukaddes Ruhuň ýolbaşçylygyna duýgur bolmakdyr. Şeýtan, Mukaddes Ruha däl-de, öz akyllaryna we duýgularyna bil baglaýan we Hudaýyň islegini däl-de, öz islegini ýerine ýetirýän mesihileri gözleýär. Eger-de biz, haýsydyr bir ýamanlygyň başymyza gelmegini islemesek, onda Mukaddes Ruhuň ýolbaşçylygyna eýermelidiris.

Hemme zady ýerli-ýerinde (tekjelerde) goýmaklyk bize mahsusdyr. Her hadysa üçin düşündiriş tapmak isleýäris. Soraglarymyz jogapsyz galanda halamaýarys. Emma Mukaddes Ruh käbir soraglary jogapsyz goýup, bize pes göwünliligi we ynamy öwredýär. Eger-de jogabyny bilmeýän wagtymyz, ýa Hudaýa bil baglamaly, ýa-da hemme zady özümiz kesgitläp anyklamaga synanyşyp alada-da ýaşamaly bolarys.

Adam toba edip, Isa Mesihi öz Halasgäri Hökmünde kabul edeninden soň, Mukaddes Ruh täze iman eden bilen ruhy kämillige ýetirmek üçin işläp başlaýar. Hemme zada

düşünmese-de Ata Hudaýa bil baglap bilýän imanly bu kämil derejesine ýetdi. Oňa bil baglamagy öwretmek üçin kä wagt Hudaý biziň soraglarymyzy jogapsyz galdyrýar. Mundan başga-da, ähli jogaplary alyp, Hudaýyň isleginiň ýerine ýetirilmegine siz päsgel berip bilersiňiz.

Hudaýyň Sözi bilen pikirleriňizi täzeleýänçäňiz, ol "ynsan höwesli" aň bolar. Rimlilere hatynyň 8-nji babynda ynsan höwesli we ruhy aň barada aýdylýar. Galatýalylar 5:17 bize, ynsan höwesleri Ruha garşy, Ruhuň bolsa ynsan höweslerine garşydygyny we olar biri-biri bilen hiç oňuşmaýandyklaryny beýan edýär.

Geliň bu baby nämeden başlan bolsak şoňa dolanalyň. Biziň durmuşymyzda hemme zatlar ýerbe-ýer diýen täsiri döretmek üçin, biz hemme zady tekjelere goýup we gutulara ýerleşdirmek isleýäris. Bu ynsan höwesli aklyň subutnamasy.

Ofisimizde poçta gutularynyň tutuş hatary duran wagty, olaryň herhaýsynda ofis işgärleriniň biriniň ady ýazylgydy. Eger-de maňa işgärleriň haýsydyr birine görkezme bermeli ýa-da oňa ýöne bir zat gowşurmaly bolan ýagdaýda men onuň gutusyna hatjagaz taşlardym. Käwagtlar ol işgär meniň görkezmämi ýerine ýetirmeýär, we haçan-da sebäbini bilemde, men hatjagazy başga gutujyga taşlandygym ýüze çykýardy. Ýa-da ady ýazylmadyk gutujyga hatjagazy taşlapdyryn.

Reb maňa sapak bermek üçin poçta gutusy bilen bagly bolan ýagdaýy ulandy, menem öz gezegimde size ony öwretmek isleýärin. Ol maňa hatjagazlaryň başga guta düşüşi ýaly, şeýle hem meniň bu ýa-da beýleki waka we hadysa

baradaky pikirlenmelerim, meniň aňymyň başga “tekjesine” düşýändiklerini görkezdi. Hemme zatlar maňa düşnükli bolsun diýip, hemişe pikirimde baryny ýerbe-ýer edip goýjak bolýardym. Pikirlenmegi gowy görýärdim. Ýygy-ýygydan men Hudaýdan soraýardym: “Näme üçin, Hudaý, näme üçin? Jogaby alman, men aladalanýardym, ýüregimde rahatlygy we şatlygy ýitirýärdim.

Reb maňa görkezdi: hemmesini düşünýärin öýdüp, düşünişime görä hereket edip, men köp ýalňyşýardym. Soňunda, hemmesi bir eýýäm garyşandan soň, men ýene-de “başga gutujyga bir zat taşlan” ekenim. Hudaý maňa muny bir tymsal arkaly düşündirdi: “özüňi akylly saýma” (Sül.3:7). Reb maňa, özümi akylly saýyşym aslynda hakykatdan daşdygyny, düşündirdi. Biz hemmesini bilýäris, hemmesine düşünýäris diýip pikir edýäris, emma Süleýmanyň pähimleri kitabynda 3:5-6 “Öz düşünjäňe we aňyňa daýanma, Rebbe umyt et, Oňa ynan we bütin ýüregiň hem aňyň bilen Rebbe bil bagla. Bar işleriňde Ony tana we ykrar et, Ol seniň ýollaryňy görkezer, olary dogrular we düşnükli eder”.

Haçan-da Hudaý size düşündirýän bolsa, onda hemme şübheler we başagaýlyklar gider. Ýöne siz öz aňyňyz bilen bir işi anyklamaga we düşünmäge synanyşanyňyzda, siz has köp çaşarsyňyz şeýdip hiç haçan-da hakykaty bilmersiňiz.

Islendik ýagdaýda iki çemeleşme bar: dogry we nädogry, ruhy we ynsan höwesli. Geliň, kimdir biri maňa pygamberlik edýär öýdeliň, ýöne men bu pygamberlige doly düşünemok, ýa-da ruhy düýş görýärin we onuň manysyna düşünip

bilemok diýeliň. Şeýle ýagdaýda men: “Gökdäki Atam maňa bu düşünüksiz, ýöne düşünmek isleýärin, şonuň üçin bulary maňa düşündirmegiňi haýyş edýärin” diýip, Atama ýüzlenip bilýärin. Onsoň düşünmedik zadymy “tekjä” ýerleşdirýärin. Başgaça aýdanymyzda, men o hakda mundan beýläk pikir etmeýärin, sebäbi hemme zady Hudaýyň eline tabşyrdym. Eger-de Ol haýyşymy ýerine ýetirmegi zerur hasaplasa, onda öz wagtynda pygamberligi ýa-da düýşi “tekjeden” alyp, o barada maňa ýatladar. Ýohannanyň Hoş Habarynda 14:26, Mukaddes Ruh bize ähli zady öwreder diýilýär. Ol meniň düşünmedik zatlaryma düşünmäge kömek eder.

Ýöne şeýle ýagdaýda başgaça hem hereket edip bilerdim: pygemberlik alanymdan ýa-da düýş görenimden soň, özüm jogabyny tapmaga synanyşardym. Men köp adamlar bilen gürleşmäge başlap, olaryň pikirleri bilen gyzyklanyp bilerdim. Elbetde, dürli adamlryň pikirleri biri-birinden düýpgöter tapawutly bolardy we bu meni bulaşdyrardy. Onsoň, ahyrsoňy belli bir netijä gelip, men hereket edip başlardym. Düýşüm ýa-da pygamberlik barada alan pikirlerime esaslanyp, bir zat etmäge başlardym we özümi uly kynçylyklara sezewar edip bilerdim.

Ýatda saklaň, şeýle pikirlenmeler howsalalyk we çaşgynlyk döredýär. Men asla pikirlenmeli däl diýemok, ýöne Hudaý entek bize aýan etmese, ony anyklamaga synanyşmaly däldiris, ýogsam biz ondanam köp bulaşarys we hasam howsalalyga düşeris.

Haçan-da howsalalygy duýsaňyz, siziň üçin ol nädogry bir iş edýändigiňiziň dyýduryşy bolsun.

# 9

## Howsalalyk şatlykdan mahrum edýär

Howsalalyk Hudaýdan gelenok - şu pikirde sizi berkitmegi rugsat ediň:. 1. Korintoslylara 14:33, Hudaý bidüzgünçiligiň çeşmesi däl-de ýa-da sözme-söz grek dilinden howsalalygyň çeşmesi däldigi aýdylýar. Kolosiýalylara 3:15 – de bize, içgi rahatlygymyz, biziň karar çykarmakda ýolbaşçy kazymyz bolmagyny rugsat etmegimize maslahat berýär. Rahatlyk, kazy hökmünde, haýsy karar dogry we haýsy dory däldigini aýdar.

Howsalalyk parahatlygyň gös-göni gapma-garşysy bolup durýar. "Howsalalyk" diýmeklik – "garym-gatymlyk, aljyraňlyk, başagaýlyk, bulaşyklyk, düşnüksizligi" aňladýar. "Parahatlyk" diýmeklik – "tertip-düzgüni, içki asudalygy, hoşallygy" aňladýar". Eger-de adamda parahatlyk bolmasa, onda şatlyk hem bolmaz. Isa aýtdy, ogry diňe ogurlamak, öldürmek, ýok etmek üçin gelýändir. Emma Ol, biz ýaşap lezzetini görüp bilmegimiz üçin geldi (Ýohanna 10:10).

Bir näçe ýyl ozal berk karara geldim: Hudaýda şatlanmak we durmuşdan lezzet almak. Eger-de Isa Mesih diňe meniň ýaşaýşym bolsun diýip däl-de, eýsem onuň lezzetini hem

görmegim üçin ölen bolsa, onda onuň lezzetini görmek üçin synanyşmaly.

Isa imanlylara öwredýär "Onda ýaşamaklaryny" (Ýohanna 15:4-10), parahatlygy tapmak hem aňladýar. Soň Ol sözüni dowam edýär:

"Bularyň hemmesini Men size, Meniň şatlygym we Meniň lezzetim sizde bolup bilmegi üçin we siziň şatlygyňyzyň doly, kämil we çäksiz bolsun diýip, aýtdym" (11-nji goşgy).

Bu bolsa, Hudaý durmuşdan lezzet almagymyzy isleýär diýmekligi aňladýar. Howsalalyk bolsa oňa böwet bolar.

Sözümiň ahyrynda, howsalalykda we azapda däl-de, şatlykda ýaşamak kararyna geliň diýip, size ündemek isleýärin. Munuň üçin hemme zady düşünmek we aýdyňlaşdyrmak endiginden dänmelisiňiz. Ähli zady özümiz çözmek isleýäris, ýöne Hudaýa bil baglalyň we ynanalyň, Ol Özüniň laýyk we zerur gören wagtynda, hemme soraglara jogap berer.

Çaklamada azaşmagy bes edensoň, rahatlyk we şatlyk tapjakdygyňyza men ynanýaryn.

# Toba dogasy

Hudaý sizi söýýändir we siziň Onuň bilen ýäkyn, berk gatnaşykda bolmagyňyzy isleýär. Eger-de siz entäk Isa Mesihi öz Rebbiňiz we Halasgäriňiz hökmünde kabul etmedik bolsaňyz, ony siz şu wagt edip bilersiňiz. Isa Mesih üçin öz ýüregiňizi açyň we şu dogany gaýtalaň.

*“ Atam, men Saňa garşy günä edendigimi bilýärin. Haýyş edýärin meni bagyşla. Meni tämizle. Seniň Ogluň Isa Mesihe ynanýaryn. Isa Mesih meniň günälerim üçin haçda ölendigine men ynanýaryn. Onuň üçülenji gün ölümden direlendigine ynanýaryn. Şu wagt men Oňa öz durmuşymy tabşyrýaryn. Atam, günälerimi bagyşlap ebedi ýaşaýyş peşgeşini bereniň üçin Saňa minnnetdardyryn. Seniň üçin ýaşamagyma kömek et. Isa Mesihiň ady bilen, Omyn”.*

Eger-de siz bütin ýüregiňiz bulen doga eden bolsaňyz, Hudaý sizi kabul etdi, tämizledi we ruhy ölüm gandallaryndan azat etdi. Aşakdaky görkezilen Mukaddes Ýazgylary okaň we öwreniň hem-de Hudaýdan, Onuň sesini eşitmäge, kömek etmegini haýyş ediň, sebäbi häzir Onuň bilen täze durmuşyňyz başlaýar.

Ýohanna 3:16, Efeslilere 1:4
1 Korintoslylara 15:3-4
1 Ýohanna 4: 14-15
1 Ýohanna 1:9, 1 Ýohanna 5:1
Efeslilere 2:8-9
1 Ýohanna 5:12-13

Isa Mesih bilen has gowy tanyşmaga we ruhy taýdan ösüp boljak Mukaddes kitabyň taglymatyny dogry wagyz edýän Mesihileriň ýygnagyny tapmaga kömek etmegini Hudaýdan diläň. Hudaý hemişe siziň bilendir. Ol size her gün ýol görkezer we siziň üçin owaldan karar eden bol durmuşyny nädip ýaşamalydygyny görkezer.

# Awtor barada

Joýs Maýer –Mukaddes kitabyň meşhur mugallymasy. Bütin ýer şary boýunça millionlarça adamlara ol Hoş Habary wagyz edýär. Joýs ýüzlerçe temalary açdy, ýetmişden gowrak kitaplary ýazdy we ýylda ýigrimä golaý maslahatlary geçirýär. 2004 –nji ýylda 2,5 milliondan gowrak onuň kitaplary satyldy we milliondan köpräk kitaplary mugt paýlandy. Onuň telewizion gepleşiklerine dünýäniň köp ýurtlarynda tomaşa edip bolýar, radio gepleşiklerini üç ýüz radio ýaýlymy arkaly alyp eşitdirilýär.

Hudaý Joýsy imanlylary Hudaýyň Sözünde berkitmek üçin çagyrdy. Bir wagtlar ol durmuşda düýbünden lapykeç bolanlaryň biridi. Bu gün ol durmuşdan lezzet alýar, näme üçin diýende Hudaýyň Sözüniň hakykatyny ulanmaga we kynçylyklarda ýeňiş gazanmagy öwredip biler. Ýeňijiniň başgalara-da nädip ýeňmelidigini öwredip biljekdigine Joýs ynanýar.

Joýs çagalygynda zorluga sezewar boluşlary, ilkinji äre barmagynyň şowsuz bolmagy we durmuşda başdan geçiren kynçylyklary barada aç-açan gürleýär. Ol özüniň geçmişini gizlänok we şuňa meňzeş kynçylyklara duçar bolanlara amaly maslahatlar berýär.

Joýs Maýer Oklahoma ştatynyň Oral Roberts uniwersitetinden hormatly ylahyýet ylymlaryň doktory we Florida ştatynyň “Laýf Kristian”uniwersitetinden filosofiýa we ylahyýet ylymlarynyň doktory derejesini aldy. 2005 –nji ýylyň fewralynde “Taým” žurnaly Joýs Maýeri Amerikanyň iň meşhur ýigrimi bäş Hoş habarçylarynyň hataryna goşdy.

Joýs Maýeriň bütin ömri Hudaýyň rehimliligi we wepalylygy barada şaýatlyk edýär. Ol, adamyň geçmişi nähili bolsa-da, Hudaýda hemişe onuň üçin ýeriň bardygyny we şatlykly hemde bagtly durmuşa alyp barýan ýolda durmagynyň oňa kömek etjekdigini öwredýär.

Köp ýyllap men howsalalyk ýagdaýda ýaşadym. Elmydama hemme zady anyklamaga synanyşýardym, bu bolsa maňa diňe jebir-jepa getirýärdi. We men ýeke şeýle adam däl. Örän köp adamlar doly aljyraňňylykda ýaşaýarlar. Şonuň üçin, adamlary näme howsalalyga salýar we onuň öňüni nädip alyp bolarka, diýip pikirlenmäge başladym.

Howsalalyk parahatlygyň gapma-garşysydyr. Eger adamda parahatlyk bolmasa, onda şatlyk hem bolup bilmez. Bu kitabyň size howsalalykdan çykmaga kömek etmegi, Hudaý bilen aragatnaşykda we durmuş ýaşaýyşynda lezzeti tapmagy öwreder!

**Nädip aljyraňňylylykdan gutulmak?**
**Näme üçin, Hudaý, näme üçin?**
**Aljyraňňylylyk bilen hoşlaşyň ....**
**we şatlygy kabul ediň!**



Aljyraňňylykykda bolýarsyňyzmy? Siziň durmuşyňyzda düşünip bolmadyk zatlar ýüze çykýarmy? Siz, näme üçin durmuşyňyz hut şeýle kyýn bolmalydygy barada soraýarsyňyzmy? "Näme üçin, Hudaý, näme üçin" diýip soraýarsyňyzmy? Şu sorag, ruhlandyrýan bestsellerleriň awtory Joýs Maýera, jogaba garaşmaklyk ony diňe rahatlykdan we şatlykdan mahrum edýändigine düşünýänçä, azap berýärdi. Siz hem aljyraňňylygyň yzyny üzüp, bagtly durmuşyňyzyň begenjini gaýtaryp bilersiňiz. Joýs Maýera nädip etmelidigiňizi görkezmäge:

- Hemme zada düşünmek islegine garaşly bolmaklygy bes etmeklige.
- Bil baglap bolýan Hudaýa garaşly bolmagy öwrenmeklige.
- Geçmişiňiz ýa-da ertirki günüňiz üçin indi aladalanmazlygyňyza.
- Aňyňy beden duzaklaryndan halas etmegi we ruhy pikirlenmegi oňa öwretmegi rugsat ediň.

Eger-de siz " Näme üçin, Hudaý, näme üçin?" diýip soraýan bolsaňyz, onda siz nädogry sorag berýärsiňiz. Bu ajaýyp we çalşyp bolmajak kitap, Hudaýa tarap ýol tapmagy....we öň bolmadyk, ýaşaýyşyň lezzetini görmäge size kömek eder!

JOYCE MEYER MINISTRIES